Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# 8. ATLAR

## c) ATLARYŇ ÝÖŇKEME BILEN ÜYTGEÝŞI

**197-nji gönükme.** *Okaň.* **Galam, guş, oba** *sözlerine goşulan goşulmalary aýdyň.*

1. Meniň galam-ym, guş-um, oba-m.

2. Seniň galam-yň, guş-uň, oba-ň.

3. Onuň galam-y, guş-y, oba-sy.

1. Biziň galam-ymyz, guş-umyz, oba-myz.

2. Siziň galam-yňyz, guş-uňyz, oba-ňyz.

3. Olaryň galam-y, guş-y, oba-sy.

* * *

**198-nji gönükme.** **Depderr gül, geçi** *sözlerini ýokarky gönükmedäki ýaly üýtgedip, depderiňize ýazyň we olara goşülyan goşulmalary aýdyň.*

*1.* Meniň depderim, gülüm, geçim.

2. Seniň......................................................

3. Onuň ......................................................

1. Biziň ......................................................

2. Siziň ......................................................

3. Olaryň.....................................................

* * *

turkmenkultur.com

**199-nji gönükme.** Okaň we göçüriň. Atlara goşulan goşulmalaryň aşagyny cyzyň we olary aýdyp beriň.

1. Meniň towşanyrn, enem, keçäm.
2. Seniň towşanyň, eneň, kecaň.
3. Onuň towşany, enesi, keçesi.

1. Biziň towşanymyz, enemiz, keçämiz.
2. Siziň towşanyňyz, eneňiz, keçäňiz.
3. Olaryň towşany, enesi, keçesi.

**Atlar ýöňkeme de gelenlerinde degişliligi aňladýarlar. Meselem:** *galamym, galamyň, galamy, galamymyz, galamyňyz, galamy.*

**Atlar** *menlik, senlik, olluk* **ýöňkeme leriniň** *birlik* **we** *köplük* **sanynda ulanylýar. Her ýöňkemäniň öz goşulmasy bar.**

## ATLARYŇ ÝÖŇKEME GOŞULMALARY

| Birligi | Köplügi |
|---|---|
| 1. Menlik | -ymyz, -imiz, -umyz, |
| -ym, -im, -um, | -ümiz, -myz, -miz. |
| -üm, -m. | |
| 2. Senlik | -yňyz, -iniz, -uňyz, |
| -yň, -iň, -un, -ün, -ň. | -imiz, -ňyz, -ňiz. |
| 3. Olluk | -y, -i, -sy, -si |
| -y, -i, -sy, -si | |

turkmenler.com

* * *

**200-nji gönükme.** *Okaň we atlaryň menlik, senlik, olluk ýöňkeme goşulmalaryňy, olaryň birlik we köplük sanyny aýdyň.*

1. Meniň kitabym, bagym, ýegenim, atam.
2. Seniň kitabyň, bagyň, yegeniň, ataň.
3. Onuň kitaby, bagy, ýegeni, atasy.

1. Biziň kitabymyz, bagymyz, ýegenimiz, atamyz.
2. Siziň kitabyňyz, bagyňyz, ýegeniniz, ataňyz.
3. Olaryň kitaby, bagy, ýegeni, atasy.

## ýegenim

**201-nji gönükme.** **Oba, it, öy, tam** *sözlerini ýöňkeme bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.*

| | |
|---|---|
| 1. Meniň obam, ... | 1. Biziň obamyz,... |
| 2. Seniň ... | 2. Siziň ... |
| 3. Onuň... | 3. Olaryň... |

*Atlara goşulan ýöňkeme goşulmalarynyň birligini we köplügini aýdyp beriň.*

**202-nji gönükme.** *Sözlemleri göçüriň. Ýöňkeme bilen üýtgän atlaryň aşagyny çyzyň we olaryň goşulmasyny aýdyň.*

1. Ala-mulaja topum bardy. Bir gün topum ýitdi.
Seniň topuň bolmansoň, biz täze top aldyk. Sizin topuňyz barmy? Olaryň topy ýok.

turkmenkultur.com

2. Daýhan birleşigimiz pagta baradaky tabşyrygyny doldurdy. Siziň daýhan birleşigiňiz pagta baradaky tabşyrygy doldurdymy?

**203-nji gönükme.** *Hekaýany okaň. Has gara ýazylan atlaryň haýsy ýöňkemededigini we gosulmasyny aýdyň.*

## SYGYR WE MÖJEK

**Sygrym** golaýdaky depa baryp durdy. Görsek, **gölämiz** hem arça agajynyň ýanynda.

Onuň **ýeňsesi** üç-dört ýerinden dişlenipdir, **ýarasy** gyzaryp dur. **Enesi** bolsa onuň töwereginde aýlanyp ýör, ganan ýerini ýalaýar. **Nebsim** agyryp, sygra seretdim.onuň **arkasy** dişlenip dilnipdir.

Çep **gözi** bütinleý ýumlup galypdyr. Ýerde möjek yzyny gördüm. Nähili wakanyň bolandygyna göz ýetirdim. **Sygrymyz** geçen gije gölesini goramak üçin möjek bilen uly söweş edipdir. Emma gölesini bermändir.

**Göle, göz** *sözleriňi ýöňkeme ler bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.*

*sygrymyz*

**204-nji gönükme.** *Şygry labyzly okaň. Ýöňkeme bilen üýtgän atlary we olaryň ýöňkeme goşulmalaryny aýdyp beriň.*

### GYZYL SAPAK

Däneleriň suwludyr,

Ter murtlaryň towludyr.

Saňa näçe jan çeksem,

Eden işim şowludyr.

Gabyklaryň garadyr,

Çybyklaryň gürüdir.

Sapaklaryň gyrmyzy,

Bognuň bir seredir.

turkmenkultur.com

Bejergiden baýnatsam,

Ýetisdirsem, ýaýnatsam,

Balymyz ýok diýdirmez,

Senden toşap gaýnatsam.

*M. Garryýew.*

1. *Bu goşguda näme hakda gürrüň edilýär?*

2. **Sere, toşap** *sözleriniň manysyny düşündiriň we sözlük depderiňize ýazyň.*

**05-nji gönükme.** *Sözlemleri okaň we göçüriň. Birinji ýöňkemaniň birlik we köplügi bilen üýtgän atlaryň aşagyny çyzyň, olaryň ýöňkeme goşulmalaryny aýdyň.*

1. Kitabym sendemi? Biziň kitabymyz mugallymda.
2. Bu ýyl biziň daýhan birleşigimiz öňde barýar.
3. Ýegenim institutda okaýar.
4. Meniň oturýan partam birinji batarda.
5. Biziň oturan partamyz arassa.

**Parta, kitap** *sözleriňi ähli ýöňkemeler bilen üýtgedip aýdyp beriň.*

**206-nji gönükme.***Sözlemleri okaň. Ikinji ýöňkemaniň birligi we köplügi bilen üýtgän atlary, olaryň ýöňkeme goşulmalaryňy aýdyp beriň*

1. Senin kakaň awçymy? Sizin kakaňyz örän ökde sazanda.
2. Üzümiňiz bol hasyl getiripdir.
3. Senin dostuň näçenji klasda okaýar? Ýoldaşyňyz gowumy?
4. Geçiňiz barmy?

**Üzüm, geçi** *sözleriňi ähli ýöňkemeler bilen üýtgediň we depderiňize ýazyň.*

**sazanda**

turkmenkultur.com

**207-nji gönükme.** *Sözlemleri okaň we üçünji ýöňkeme bilen üýtgän atlary, olaryň ýöňkeme gosulmalaryny aýdyp beriň.*

1. Obamyzyň Dordepel diýen aty pellehana birinji bölüp geldi. Çarynyň atasy Dordepeliň seýsidi.

2. Myradyň güjügi örän enaýyja. Onuň garaja gulagy, akja guýrugy bar.

**1. At, güjük** sözleriňi ähli ýöňkemeler bilen üýtgediň w e depderiňize ýazyň.

**2. Seýis** sözüniň manysyny sözlükden öwreniň.

**208-nji gönükme.** *Aşakdaky atlary menlik, senlik, olluk ýöňkemeleriniň birligi we köplügi bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.*

Guzy, it, göz, oba, şäher.

**Nusga:**

| | |
|---|---|
| *Biziň guzymyz, ...* | *Meniň guzym, ...* |
| *Siziň guzyňyz, ..,* | *Seniň guzyň, ...* |
| *Olaryň guzusy, ...* | *Onuň guzusy, ...* |

*Üýtgeden atlaryňyzyň ýöňkeme gosulmalaryny aýdyp beriň.*

**209-nji gönükme.** *Sözlemleri okaň we göçüriň. Ýöňkeme bilen üýtgän atlaryň aşagyny çyzyň we olaryň haýsy ýöňkemededigini, goşulmasyny aýdyň.*

Meniň doganym şäherde ýaşaýar. Seniň doganyň nirede işleýär? Onuň dogany çopan. Biziň doganymyz pagtaçy. Siziň doganyňyz mugallymmy? Olaryň dogany terbiýeçi.

**Çopan** *diýen sözüň manysyny düşündiriň.*

**210-nji gönükme.** *Hekaýajygy okaň. Has gara ýazylan atlaryň haýsy ýöňkemededigini we goşulmasyny aýdyp beriň*

Basím irden turdy-da:

— Ata, menem özüň bilen öri meýdaňyna akidýäň gerek? — diýip sorady.

— **Oglum,** seniň ol ýerde näme **işiň** bar? Sensiz hem ol ýerde **adamymyz** köp. Nyýazguly aganyň göwrümi giňdi. Ol öz sözüni dowam etdi.Ejesi Bäşimiň elinden tutup, beýleki jaýa äkitdi.Bolýar, oglum, bolýar, ýör, geýneli. Çagalar bagyna gideli. **Kakan** seni öri meýdaňyna goýbermez.

Hemmesi oňat gutardy. **Kakasy** işe ugramazdan öň, Başime **atasy** bilen çöle gitmäge razylyk berdi.

(G. *Rejebowanyň «Kiçijik çopan» hekaýasyndan).*

*Hekaýajygyň mazmunyna laýyk sözbaşy tapyň.*

**211-nji gönükme.***Şygry labyzly okaň. Has gara ýazylan sözleri depderiňize göçüriň we olaryň haýsy ýöňkemededigini aýdyň.*

**ARÇABILIŇ AÝDYMY**

Kölgeli **baglarym** bar,

Jülgeli **daglarym** bar.

Geliň meniň goýnuma,

Sápaly **çaglarym bar.**

Çykyň daga dyrmaşyp,

Ýetiň buludyň deňine.

Aýdym aýdyň ses goşup,

Akar çeşmän heňine.

Bagyş edýän size barym,

Garaly, alma, **narym.**

Gelseňiz gujak açar,

Ýedi dogan **çynarym.**

turkmenkultur.com

Siziň şat **owazyňyz,**

Alsyn bat owazyňyz.

Şeýdip, bütin äleme,

Dolsun at-owazaňyz.

*K. Nurbadow.*

*Şygryn mazmunyny öz sözleriňiz bilen aýdyp beriň*

**212-nji gönükme.***Sözlemleri okaň we nokatlaryň ýerine degişli ýöňkeme goşulmasyny ýazyp göçüriň.*

Meniň jigi... çagalar bagyna gatnaýar. Onuň akyllyja ýoldaşlar... bar. Senin jigi... näçe ýaşynda? Meniň aga... obada işleýär. Biziň oba... şaheriň golaýynda. Siziň okuw... haçan başlanýar?

**213-nji gönükme.** *Ýayyň içindäki atlary degişli ýöňkeme de getirip, sözlemleri depderiňize göçüriň.*

Biziň (oba) deňziň kenarynda ýerleşýär. Obamyzyň (adamlar) balyk tutýar. Meniň (daýy) balykçy. Seniň (daýy) barmy? Siziň (tamdyra) barmy? (Kaka) tamdyra çalyp bilýärmi? Saparyň (dogan) sazanda.

**Nusga:** *Biziň obamyz deňziň kenarynda ýerleşýär.*

*Atlara goşan ýöňkeme goşulmalaryňyzy aýdyp beriň.*

**214-nji gönükme.** *Aşakdaky atlara belli bir ýöňkeme goşulmasyny goşup, hersini bir sözlemde ulanyň we depderiňize ýazyň.*

Mekdep, kitap, tor, galam.

**Nusga:***Biziň mekdebimiz owadan hem uly.*

***kitabymyz***

**215-nji gönükme.***Bu atlary ýöňkeme bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň we ýöňkeme goşulmalaryňy aýdyp beriň.*

Göle, ige, nar.

***Nusga:***

*Meniň gölam.* *Biziň gölämiz.*

*Seniň göläň.* *Siziň göläňiz.*

*Onuň gölesi.* *Olaryň gölesi.*

**216-nji gönükme.** *Sözlemleri okaň. Ýöňkeme bilen üýtgän atlary saýlap göçürň we olaryň goşulmasyny aýdyp beriň*

1. Meniň baş sany kepderim bar.

2. Siziň topuňyz barmy?

3. Güýz düşdi. Baglaryň ýapragy dökülip başlady.

4. Mallarymyz oňat gyşladylar.

5. Siziň mekdebiňiz ýaryşa gatnaşyarmy?

**217-nji gönükme.** *Hekaýajygy okaň. Ýoňkeme bilen üýtgän atlary aýdyň. Has gara ýazylan sözleri ýöňkemeleriň ähli si bilen üytgedip, depderiňize ýazyň.*

Biziň bir alaja **güjügimiz** bardy. Ony kakam uzak obadan ýörite getiripdi. **itim** kiçijik bolsa-da, dogumlyjady. Berýän **çöregimiz,** naharymyz iýilman durmazdy.

*G. Seýitmedow, «Biziň myhmanlarymyz».*

Dogumly *diýen sözüň manysyny düşündiriň we sözlük depderiňize ýazyň.*

**218-nji gönükme.** *Nokatlaryn ýerine degişti ýöňkeme goşulmasyny ýazyp, sözlemleri göçüriň.*

1. Siziň öý... haýsy köçede? Biziň oy... obada. Oba... gaty uly we baglyk.

2. Senin dost...kim?onuň ýoldaş... näçenji klasda okaýar?

3. Derýanyň suw... süýji bolýar, deňziň suw... ajy bolýar.

**219-nji gönükme.** *Okaň we göçüriň. ilki menlik, soňra senlik, iň sonuňdan olluk ýöňkeme däki atlary ýazyň.*

türkmenkultur.com

Owlagym, owlagymyz, obaňyz, obasy, depderiň, kitabyňyz, depderim, ýapragy, çemçämiz, demri, galamyň, depderi, köýnegim, joraňyz, guşumyz, keçäňiz, halysy, itiniz, dosty, ädigim.

***Nusga:***

*/. Owlagym, owlagymyz,*

*2. Obaňyz, depderiň, ...*

*3. Ýapragy, demri, ...*

*owlagymyz*

**220-nji gönükme.** *Hekaýajygy okaň we dilden mazmunyny aýdyp beriň.*

## AWçY WE ONUŇ AGTYGY

Güýz günleriniň biridi. Durdy mergen eşekli awa gitdi. Ol özi bilen agtygy Saryny hem alyp gitdi. Bular beýik daga bardylar. Dagda sowuk suwly çeşmeler, gök öwüsýän baglar köp. Durdy mergen otlap ýören keýikleri gördi. Olary atjak boldy. Emma Sary atasyna ýalbardy:

— Ata, atmasana. Gör, olar nähili owadan! Yöňe synlap oturmaly.

Durdy mergen keýikleri atmady.

*Hekaýajygyň mazmuny boýunça meyilnama düzüp, depderiňize ýazyň.*

**221-nji gönükme.** *Soraglary okaň we olara dilden jogap beriň. Bu sözlemlerdäki atlaryň haýsy ýöňkemededigini, goşulmasyny aýdyň.*

1. Meniň kitabym kimde?
2. Biziň ýoldaşymyz kim?
3. Seniň ýoldaşyň nirä gitdi?
4. Siziň daýhan birleşigiňiz näme ekýär?
5. Onuň kakasy nirede işleýär?
6. Olaryň galamy bardymy?

turkmenkultur.com